***Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi.***
***Ders: Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň nazaryýeti.***
***I ýyl talyplaryň ähli hünärleri üçin.***
***Mugallym: H.Kasymow***

# 2-nji tema. BUHGALTERÇILIK HASABYŇ DERSI WE USULY

**( 2-sagatlyk)**

**Umumy okuwyň meýilnamasy:**

**1. Buhgalterçilik hasabyň dersi barada düşünje.**
**2. Kärhananyň serişdeleriniň we olary emele getiriş çeşmeleriniň toparlara bölünişi.**
**3. Hojalyk amallary barada düşünje.**

## 1. Buhgalterçilik hasabyň dersi barada düşünje.

Buhgalterçilik hasabynyň dersi kärhanalaryň serişde we borçnama görnüşindäki emläkleri, şol emläkleriň üpjüncilik, önümçilik we önümleri ýerleşdirmek gurşawyndaky bolup geçýän hojalyk amallarynyň täsiri astyndaky hereketi hem-de kärhananyň hojalyk işiniň netijesidir. Buhgalterçilik hasabyň dersi barada aýdylanda ilki bilen onuň öwrenýän obýektlerini bilmegimiz zerur.

Kärhananyň emlägi, onuň borçnamasy, şol emläkleri emele getirýän çeşmeler, hojalyk amallar, öndürlen we ýerleşdirilen önümler, üpçünçilik hadysasyndaky harajatlar, pul serişdeleri, hasaplaşyklar, maliýe netijeler we beýlekiler buhgalterçilik hasabyň obýektlerini düzýär. Buhgalterçilik hasabyň obýektleri halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň edýän işine we olaryň aýratynlygyna bagly bolup durýar. Mysal üçin, oba hojalyk kärhanalarynda hasabyň obýekti hökmünde ýaş mallar, bakydaky mallar, guşlar, tohum, ot-iým, mineral dökünler we beýlekiler bolup biler. Býujet edaralarynda hasabyň obýektlerine hojalyk serişdeleri, býujetden alynýan maliýe serişdeleri, hasaplaşyklar, pul serişdeleri we beýlekiler girýärler. Bank edaralarynda buhgalterçilik hasabyň obýektlerine hasaplaşyk we karz amallary, pul serişdeleri, emissiýa (nagt pul göýberiliş) işleri, daşary ýurt walýutalary we altyn pul bilen bagly işler, bankyň girdejileri we çykdajylary girýär.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi bilen buhgalterçilik hasabyň köp sanly täze obýektleri hem ýüze çykdy. Olara gymmat bahaly kagyzlar, daşary ýurt walýuta amallary, maddy däl aktiwler, faktoring, lizing amallary we beýlekiler girýär.

Buhgalterçilik hasabyň dersine has gowy göz ýetirmek üçin onuň aýratyn obýektlerini öwrenmek gerek. Şol maksat bilen biz kärhananyň hojalyk serişdeleri we olary emele getiriş çeşmeleri hakynda durup geçeliň.

## 2. Kärhananyň serişdeleriniň we olary emele getiriş çeşmeleriniň toparlara bölünişi.

Kärhana özüniň hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin, olar gerek bolan serişdeler bilen üpjün edilmelidirler. Serişdeleriň düzümi we mukdary kärhananyň ýerine ýetirýän funksiýasyna we onuň önümçilik tabşyrygyna bagly bolup durýar. Kärhanalar özüne gerek bolan hojalyk serişdeleri dürli çeşmelerden alýarlar, olar anyk maksatlara niýetlenendir. Kärhanalaryň hojalyk işine ýoljemleýjiçylygy üstünlikli amala aşyrmak üçin hökmany suratda serişdeleriň düzümini, ýerleşişini, ulanylyşyny, şeýle hem olary emele getiriş çeşmeleriniň maksatlaryny bilmek zerurdyr. Bulary çuňňur düşünmek üçin hojalyk serişdeleriniň we olary emele getiriş çeşmeleriniň toparlanyşyny öwrenmek gerek. Onuň esasynda serişdeleriň hojalyk işiniň hadysasyndaky ykdysady manysy we roly ýatyr. Hojalyk serişdeleri olaryň görnüşleri we ýerleşişi boýunça aşakdaky toparlara bölünýärler we hasaba alynýar:

- önümçilige gatnaşýan serişdeler;
- aýlanyş gatnaşýan serişdeler;
- önümçilige gatnaşmaýan serişdeler.

Önümçilige gatnaşýan serişdeler öz gezeginde iki topara bölünýär:

1. Zähmet serişdeleri (gurallary)
2. Zähmet predmetleri.

Zähmet serişdeleri – bu bir gural ýa-da gurallaryň toplumy bolup onuň kömegi bilen adam zähmet predmetine täsir edýar we ony öz islegini

kanagatlandyrmak üçin ulanýar. Şeýlelikde adam zähmet serişdesiniň güýjüni zähmet predmetine täsir ediji güýç hökmünde ulanýar.
Zähmet serişdeleri – önümçilik prosesine birnäçe gezek gatnaşyp, özüniň gymmatyny täze öndürilýän önüme kem- kemden geçirýän serişdelere aýdylýar. Zähmet serişdesine güýç beriji maşynlar, enjamlar, gurallar, ulag seişdeleri, işçi maşynlar, işçi we önüm berýän mallar girýär.
Zähmet predmetleri – bu önümçilik zähmet serişdesiniň kömegi bilen adamyň täsir edýän çig-maly we netijede şol çig mallaryň gatnaşygynda (ulanylmagynda) taýýar önüm öndürilýär.
Zähmet predmetlerine – önümçilik prosesine bir gezek gatnaşyp özüniň gymmatyny tutuşlaýyn täze öndürilýän önüme geçirýän serişdelere aýdylýar.
Zähmet predmetlerine ätiýaç şaýlar, materiallar, ýangyç, tohum, ot-iým, gutarylmadyk önümçilikdäki harajatlar we beýlekiler girýär. Bularyň aýratynlygy ýagny olar bir önümçilik hadysasynda tutuşlygyna sarp edilýär, şonuň bilen birlikde olar öz gymmatyny täze öndürilýän önümleriň gymmatyna doly geçirýär.
**Aýlanyşyk gurşawyndaky (sferasyndaky) serişdelere:**
aýlanyşykdaky predmetler, pul serişdeleri, hasaplaşykdaky serişdeler
we aýlanyşyga hyzmat edýän serişdeler girýär.
Aýlanyşykdaky predmetler – bu satmaga niýetlenen taýýar
onümler. Oba hojalygynda Ekerançylyk we maldarçylyk önümleri, senagatda öndürilen taýýar önümler (sement, şifer, kerpiç, un, ýag we beýlekiler).
Pul serişdeleri – bu pul haryt gatnaşyklarynda ulanylýan serişdeleriň düzüminiň bir bölegi. Hojalyk amallaryň köp bölegi pul gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Satyn alynan harytlar üçin üpjün edijiler bilen, zähmete hak tölenende, döwletiň býujetine awans bergileri geçirilende hojalyk pul bilen hasaplaşyk geçirýär. Pul serişdeleri satyn alyjylardan, bankdan we beýleki guramalardan gelip gowuşýar.
Hasaplaşykdaky serişdeler – bu hojalygyň beýleki kärhanalarda wagtlaýyn duran serişdeleri, ýagny beýleki hojalyklaryň şu hojalyga

bergisi. Şeýle bergä debitor bergiler diýilýär. Olara satyn alyjylaryň satyn alan harytlary üçin bergileri, beýleki guramalaryň we adamlaryň hojalyga bergileri degişlidir.

Aýlanyşyga hyzmat edýän serişdelere – dürli ambarlar,
enjamlar, inwentarlar we bu sferada ulanylýan serişdeler girýär.

Önümçilige gatnaşmaýan serişdelere – ýaşaýyş jaýlary, medeni durmuş - maksatly jaýlar, saglygy goraýyş, dynç alyş öýleriniň jaýlary, mekdepler we beýlekiler girýär. Serişde aýlanyşyk hadysasynda özüniň ýerine ýetirýän wezipesi boýunça hojalyk serişdeleri: esasy, dolanyşyk we gapdala sowulan serişdelere bölünýär.

Esasy serişdelere önümçilik hadysasynyň bir näçe öwrümine hyzmat edýän we uzak wagtlap ulanylýan zähmet serişdeleri girär. Esasy serişdeler özlerine mahsus bolan aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar, ýagny olar kem- kemden könelip öndürilýän önümlere öz gymmatyny bölekleýin geçirip, özüniň ilki jemleýjiky durkuny saklaýarlar. Bu seişdeler önümçilige gatnaýyş häsiýetine baglylykda önümçilige göni gatnaşýan we önümçilige göni gatnaşmaýan toparlara bölünýär. Önümçilige göni gatnaşýan serişdelere - maddy önümçilik gurşawunda ulanylmak üçin niýetlenip önümçilik hadysasyna hyzmat edýän jaýlary, desgalary, maşynlary we beýleki serişdeleri özünde jemleýär. Önümçilige göni gatnaşmaýan serişdelere önümçilik däl sarp ediş maksatlary üçin niýetlenen we önümçilik hadysasyna gatnaşmaýar. Olara aýlanyş hadysasyna hyzmat edýän serişdeler girýär (söwda nokatlarynyň jaýlary, ýaşaýyş jaýlar, hammam, suw üpjünçiligi, saglygy saklaýyş, medeniýet, bilim edaralarynyň serişdeleri).

Dolanyşyk serişdelerine zähmet predmetleri we pul serişdeleri girýär. Ýokarda agzalan uly iki topar serişdelerden jemleýjiga hojalykda dolanyşykdan sowulan serişdeler hem bolup biler.

Dolanyşykdan sowulan serişdeler - munuň özi kärhananyň serişdeleriniň düzüminde hasaplanyp, olar gaýry maksatlara gönükdirilýän serişdelerdir (býujete peýdadan geçirilen serişdeler).

Kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň serişdeleri eýeçiligiň dürli görnüşlerinde aňladylýar we olaryň emele geliş çeşmeleri emläk hökmünde kesgitlenýärler.

Hojalyklaryň serişdeleri we emele geliş çeşmeleri kesgitlenip bellenilen maksatlara laýyklykda iki topara, ýagny hususy we gapdaldan çekilen çeşmelere bölünýärler. Hususy çeşmelere hojalyk işiniň esasy çeşmesine esasy we ýörite maksatly gaznalar, ätiýaçlyklar, hem-de býujetden maliýeleşdirmek girýär. Kärhananyň esasy we dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi hökmünde ustaw gaznasy hyzmat edýär. Olkärhanalaryň umumy bölünmeýän emlägi bolup, esasy hojalyk döredijiliginiň göz öňünde tutulan işlerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenen serişdeleriň emele getiriş çeşmeleridir. Kärhananyň hususy çeşmeleriniň jemleýjiga bir topary ýörite maksatly gaznalar, ätiýaçlyklar, býujetden maliýeleşdirmek we peýdadyr. Peýda hojalygyň serişdeleriniň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Kärhananyň hususy çeşmeleri göz öňünde tutulan hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin zerur bolan serişdeleri döretmäge ýetmedik ýagdaýynda ol wagtlaýyn daşardan çeşme çekmeli bolýar.

Gapdaldan çekilen çeşmelere: banklaryň karz serişdeleri, beýleki guramalaryň karzlary we hasaplaşyk boýunça borçnamalar girýar.

**Borçnamalara aşakdakylar girýär:**

1. Býujete bergiler.
2. Kärhananyň öz işgärlerine zähmet hak boýunça bergiler.
3. Durmuş we medisina ätiýaçlandyryş guramalaryna bergiler.
4. Pensiýa gaznasyna bergiler.

Ýokarda agzalan borçnamalar hem kärhananyň serişdelerini emele getiriş çeşmeleri hökmünde ulanylýar.

## 3. Hojalyk amallary barada düşünje

Hojalyk amallary – ol hojalyk serişdeleriniň we olary emele getirýän çeşmeleriň düziminde ýüze çykýan aýry-aýry hojalyk hereketlerini, faktlaryny we wakalaryny häsiýetlendirýär. Şonuň bilen birlikde hojalyk amallary kärhananyň diňe serişdeleriniň üýtgemegine ýa-da onuň serişdelerini emele getirýan çeşmeleriň üýtgemegine ýa-da bir wagtda ikisiniň hem üýtgemegine getirýän hereketleri aňladýar. Hojalyk amallary kärhanada üpjünçilik hadysasy bilen bagly material gymmatlyklary satyn almak, olary ulanmak, önümçilik harajatlaryny kesgitlemek we beýleki işler bilen bagly hereketlerdir. Şeýlelikde

hojalyk amaly serişdeleriň we olary emele getirýän çeşmeleriň düzümini üýgetmäge getirýän hadysadyr.

Hojalyk amallary buhgalterçilik hasabynyň obýektidir. Amallaryň mazmuny we şol amallarda getirilýän faktlar hökmany suratda hasapda görkezilýär.

## Barlag soraglary:

**1. Buhgalterçilik hasabyň dersi barada düşünje.**

**2. Kärhananyň serişdeleriniň we olary emele getiriş çeşmeleriniň toparlara bölünişi.**

**3. Hojalyk amallary barada düşünje.**